Eziz Diýarymyzyň tebigatynyň baýlyklaryny we gözelligini aýawly saklamak hem-de artdyrmak, daşky gurşawy, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak, ekologik ugurly ykdysadyýeti, bäsdeşlige ukyply önümçiligi ösdürmegiň döwrebap nusgasyny döretmek Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Gahryman Arkadagymyzyň durnukly ösüşi we ekologik abadançylygy üpjün etmek boýunça başyny başlan işleri häzirki wagtda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň yzygiderli ýokarlandyrylmagy, milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynyň infrastrukturasynyň döwrüň talaplaryna laýyklykda döwrebaplaşdyrylmagy Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe durmuşa geçirilýän giň gerimli durmuş-ykdysady maksatnamalaryň ileri tutulýan ugurlarydyr. Şunda ilatyň arassa agyz suwy bilen üpjün edilmegi esasy wezipeleriň biri hökmünde kesgitlenildi. Bu ugurdaky wezipeleri üstünlikli amala aşyrmak maksady bilen, şäherleriň we ilatly ýerleriň suw üpjünçilik ulgamlary kämilleşdirilýär.

Arid zolagynda ekerançylygyň we suwdan peýdalanmagyň ägirt uly tejribesine eýe bolmak bilen, ýurdumyz bu ulgamdaky ylmy barlaglaryň öň hatarynda çykyş edip, beýleki döwletleri hem suw gorlaryna tygşytly çemeleşmäge çagyrýar. Şunda «Altyn asyr» Türkmen kölüniň gurluşygynyň möhüm ähmiýeti bar. Merkezi Garagumda döredilen bu täsin suw desgasy Garagum sährasynyň howa gurşawynyň gowulanmagyna ýardam edip, onuň haýwanat we ösümlik dünýäsini baýlaşdyrýar, tutuş sebitiň ekologik ýagdaýynyň oňyn özgermegine getirýär. Aral deňzi sebitiniň durmuş-ekologik ýagdaýyny gowulandyrmak boýunça hem çäreleriň giň toplumy amala aşyrylýar.

Diňe bir durmuş-ykdysady ulgamlarda däl, eýsem, daşky gurşawy goramak ugrunda-da innowasion çemeleşmeleri synag etmek üçin geljegi uly meýdança hökmünde täze Arkadag şäherini mysal getirmek bolar. Mälim bolşy ýaly, bu ägirt uly taslamanyň durmuşa geçirilmegi türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen baglanyşyklydyr. Sebitde özboluşlylygy bilen tapawutlanýan «akylly» şäher rahat ýaşamak, zähmet çekmek üçin döwrebap amatlyklary özünde jemläp, ekologik ölçeglere doly laýyk gelýär, daşky gurşaw bilen sazlaşykly utgaşýar. Şäherde sanly, maglumat-aragatnaşyk we «ýaşyl» tehnologiýalar giňden ornaşdyryldy, desgalaryň gurluşygynda bolsa ekologik taýdan arassa serişdeler ulanyldy.

Diýarymyzda gerimi boýunça ägirt uly tokaý maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegi howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly oňaýsyz ýagdaýlara garşy umumydünýä tagallalaryna goşulýan ägirt uly goşantdyr. Häzirki wagtda Watanymyzyň dürli künjeklerinde müňlerçe gektara uzaýan tokaý zolaklary emele geldi. Ýurdumyzda asylly

Все права защищены

save pdf date >>> 04.03.2025

däbe öwrülen bag nahallaryny ekmek boýunça köpçülikleýin çäreler täze seýilgähleriň, tokaý zolaklarynyň döredilmegine, türkmen topragynyň ösümlik dünýäsiniň baýlaşmagyna, amatly howa şertleriniň emele gelmegine ýardam berýär. Munuň özi ekologik howpsuzlygyň, halkymyzyň saglygynyň we abadançylygynyň möhüm şerti bolup durýar.

Amala aşyrylýan giň gerimli işleriň ählisi hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň bu ugurda alyp barýan syýasatynyň üstünliklere beslenýändigini aýdyň görkezýär. Daşky gurşawyň köpdürlüligini goramak we baýlaşdyrmak boýunça netijeli işleriň durmuşa geçirilmegi Watanymyzyň abadançylygynyň kepilidir. Tebigat baradaky alada häzirki döwrüň iň wajyp wezipeleriniň biridir. Şoňa görä-de, Türkmenistan Ýer ýüzüniň häzirki we geljek nesilleriniň abadançylygynyň bähbidine ählumumy ekologik meseleleriň oňyn çözgütlerini öňe sürüp, dünýä jemgyýetçiliginde mynasyp orny eýeleýär.

**Gülşat HOMMAKOWA**
**Mary nebit – gaz orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy**

Все права защищены